# Ygtyýarnamanyň dalaşgäri ygtyýarnama almak üçin talap edilýän resminamalaryň sanawy:

| | |
|---|---|
| **Fiziki şahs üçin:** | Arza ( familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşaýan ýeri, pasport maglumatlary, onuň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky resminamanyň belgisi we senesi (hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahslar üçin), hususy salgyt belgisi, işiniň görnüşi we ony amala aşyrmagyň möhleti, şeýle hem ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň işiň bu görnüşini amala aşyrmakçy bolýan hakyky ýerleşýän ýerini görkezmeli);<br>fiziki şahsyň özi baradaky ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin, işgär düzümi baradaky (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, pasport, eýeleýän wezipesini, bilim derejesini we degişli çygyrda iş döwrini görkezmek bilen) maglumaty;<br>Hususy telekeçi hökmünde ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky resminamanyň nusgasy (hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahslar üçin) we onuň pasportynyň nusgasy;<br>Umumy audit üçin maliýe-ykdysady ýa-da hukuk boýunça ýokary bilimiň we ykdysady, maliýe, gözegçilik-derňew, hukuk çygrynda ýa-da maliýe-ykdysady ýa-da hukuk dersleri boýunça ylmy mugallymçylyk çygrynda bäş ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň, şeýle hem auditoryň hünär derejeli şahadatnamasynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary;<br>hünär boýunça ýöriteleşdirilen ugurlar üçin - ätiýaçlandyryş işi, bank işi ýa-da gymmatly kagyzlar bazary çygryndaky iş bilen gös-göni baglanyşykly bäş ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň, şeýle hem auditoryň hünär derejeli şahadatnamasynyň bardygyny tassyklýan resminamalaryň nusgalary;<br>Iki sany surat (4x6)<br>Öň alan ygtyýarnamasyýň nusgasyny (eger bar bolsa)<br>Özbaşdak auditoryň hünär ussatlygy ýokarlandyrmak boýunça azyndan ýylda bir gezek okuwlara gatnaşandygyny tassyklaýan resminamanyň nusgasy. |
| **Yuridik şahs üçin** | Arza (doly ady, döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi, guramaçylyk- hukuk görnüşi, hukuk salgysy, işiniň görnüşi we ony amala aşyrmagyň möhleti, şeýle hem ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň işiň bu görnüşini amala aşyrmakçy bolýan hakyky ýerleşýän ýerini görkezmeli);<br>Ygtyýarlylandyrylýan işi amala aşyrmak üçin oňa eýeçilik hukugy esasynda ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny;<br>Esaslandyryş resminamalaryň tassyklanan nusgalary, ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme, şeýle hem ynanç haty, hyzmatyň şertnamasy ýa-da ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň wekiliniň ygtyýarlygyny tassyklaýan buýruk;<br>Ýuridik şahsyň işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin, işgär düzümi baradaky (familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, pasport, eýeleýän wezipesini, bilim derejesini we degişli çygyrda iş döwrini görkezmek bilen) maglumaty we olaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny; Ýolbaşçysynyň umumy audit üçin maliýe-ykdysady ýa-da hukuk boýunça ýokary bilimiň we ykdysady, maliýe, gözegçilik-derňew, hukuk çygrynda ýa-da maliýe- ykdysady ýa-da hukuk dersleri boýunça ylmy mugallymçylyk çygrynda bäş ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň, şeýle hem auditoryň hünär derejeli şahadatnamasynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň tassyklanan nusgalaryny, şeýle hem şunuň ýaly edara görnüşli tarapyň işgärler düzüminde auditorçylyk hyzmatlarynyň ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan yglan edilen görnüşi (görnüşleri) boýunça auditorçylyk işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamasy bolan azyndan üç sany auditoryň (auditorçylyk guramasy bilen baglaşylan raýat-hukuk häsiýetli şertnamanyň esasynda işi utgaşdyryp alyp barýan auditorlar muňa girmeýär) bardygyny tassyklaýan resminamalar;<br>Auditor guramalaryň auditorlary hem-de auditoryň kömekçileri hünär ussatlygy ýokarlandyrmak boýunça azyndan ýylda bir gezek okuwlara gatnaşandyklaryny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary;<br>Tassyklaýan wezipe sanawy |